# Söýüň çagaňyzy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Söýüň çagaňyzy SÖÝÜŇ ÇAGAŇYZY



Jägildäp gelenden ýagty jahana,
Söýüň çagaňyzy, öpüň, hüwdüläň.
Bagra basyp gaýta, ýylgyryp bakyň
Çagaňyza Ýaradandan bagt diläň.
Mytdyldap ýöränđe ýene söýüň siz,
Ele direg, arkasyna dag boluň.
Söýgi bilen sözläň şirin sözleri
Güneşde oýnasa saýa-bag boluň.

Çagalar bagyna gatnanda söýüň

Başgalaryň mähir berne garaşmaň.
Gürleşiň, paýlaşyň şatlyk-gaýgysyn
Öwrediň sögüşse, ugrun ýaraşmaň.

Ýene söýgi bilen mekdebe eltip,
Gujaklap garşylaň çykanda ýene.
Kärin, ýolun saýlanda-da düşüniň
Aladalar bilen çykanda daňa.

Şowly ykbal bilen dolanyp gelse,
Ýene-de söý ony, bagryňa basda.
Şonda onuň gözlerinden görersiň
Öz beren söýgüňe jogap üç esse.

Bagtly ynsan söýgi bilen ýetişýär
Ynam, üstünligem söýgüňe bagly.
Ene-ata mährin içip ulalan
Islendik ýerde-de ýüregi çogly.
Kalby çyragly.

Bibigül ÝAGŞYMÄDOWA. Goşgular